# Sen-ä sen…

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Sen-ä sen… SEN-Ä SEN…

Sen-ä sen,
Men bolsa şol öňki menligim.
Sen bolsa Menden juda uzakda,
Ýaşasaň-da bir obada,
Dem alsaňam bir howadan!
Men-ä Günortarda,
A sen Demirgazykda…
Meniň menligimde seniň adyň bar,
Senli ýatlamalar küti bir kitap.
Sen şu howadan dem alyp ýörseň,
Meniň menligimem tapýar-la bir tap…
Baglarda-da seni görýän,
Sesiňem eşidýän guşlar saýrasa.
Ýylgyrşyňy ilerimde görýärin,
Näziňi, görýärin men gaýrada.
Sen meniň tutuş dünýäm bolupsyň
Sen bolsa duýaňok, öňki endigiň!
Meniň kalbym öňkisi deý urup dur,
Senli dünýäm bilen meniň menligim.

© Remezan MÄMETGURBANOW. Goşgular